# Jahankeşde

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Jahankeşde JAHANKEŞDE



Eý sen, jahankeşde goja Gerodot,
Taryhyñ atasy ~ möwritnamaçy,
Aýyt, hany, öz öýüñde oturman,
Jahan ýüzün sökenligiñ nämüçin?
Marko Polo! Seýil edip ilime,
Ajap halylarmyñ waspyn ýetiren, –
Aýyt, seni haýsy ýelgin-şemaldy
Soñsuz ýollañ aýlawyna ataran?

Hyýal baglap Hindistana, Araba, –
Isgender saldyran minaralara,
Magtymguly ~ dürdäneler dünýäsi, ~
Neçün owsun atdyñ şol aralara?

Omar Haýýam, Ibn Sina, Faraby,
Wespuççi, Magellan ýene Wamberi,
Aýdyñ maña, şunça menzil sökmegiñ

Şeýle derkar sebäpleri bamy beri?

Aýdyñ maña, ýürekleriñ her zaman,
Alyslara meýil etmegi nämüçin?
Adamlaryñ öz öýünde oturman,
Jahan ýüzün seýl etmegi nämüçin?

– Ten berip, gulak goý, ogul, bu söze:
Ýatmak ölümdendir, gezmek ~ ömürden.
Biziñ geçen ýollarymyz ~ bizden däl,
Saña habar berer biziñ döwürden

Zemin ajaýypdyr, adamlar ~ gözel,
Atlan ýola! Çañy çykmaz ýekäniñ,
Alys düşdügiñçe eziz iliñden,
Has gadryn bilersiñ dogduk mekanyñ.

1963. Goşgular